# Ýiti pero / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýiti pero / satiriki hekaýa ÝITI PERO




Ýazyjysumak kişi bolan bolup, oduk-buduk çyrşap, redaksiýalara, baý, irginsiz gatnadym-ow. Ahyrynda işim şowuna boldy öýdýän zatlarymyň biri çykaýan ýaly-la. Hany, göreli, men öýe gelen adam bilen bir gürleşip göreýin. Neneň, niçik, soň belli bolar.
Hawa, öýde eser çyrşap, kagyz garalap otyrdym. Gapy kakyldy.
– Salawmaleýkim Gully aga! – diýip, ýanymyzdaky mekdebiň mugallymy Eýeberdi öýe giräýdi. – Ýoldaş ýolbaşçy, siziň peroňyz gaty ýiti ekeni – diýip, ol ýüzüni kürşertdi. Ýeri gelende bir zat aýtmaly, iller maňa ýazyjy däl-de ýazuwçy diýýärler. Hawa, onsoň men Eýeberdi mugallymy güller ýüz bilen garşy aldym.
– Sag bol, ýoldaş mugallym, meniň peromyň ýitidigini, ine, diňe sen ilkinji gezek aýtdyň – diýip, men oňa minnetdarlyk bildirdim. Şeýle hem ony kürsüde oturtjak boldum.
– Ýok, ýok, ýoldaş ýazuwçy, men oturyp biljek däl. Perosy ýiti ýazuwçynyň öýünde otursaň çyr-çyr çyrlabersersiň – diýip, ol gülmän-yşman aýtdy.
– Sag boluň. Men sizden gaty minnetdar. Meni öwüp arşa çykarýaňyz. Hawa-da, peroň ýiti bolmasa, kütek pero bilen nädip satira, ýumor ýazjak. Neneň edip ile täsir etjek. Kütek pero bilen erbet tipleri guluň ýaly gygyrdyp bolmaz ahyry – diýip, begenip ýüregimdäkijämi orta okladym. – Aýu, Bibi, gelsene bäri, eşitsene Baýryjanyň klas ýolbaşçysynyň aýdýanlaryny – diýip, kuhnýada jaz ýakyp oturan aýalyma gygyrdym.

– Sag boluñ, mugallym, biziñ Gullymyzam-a kagyz köküni zaýalapdyr öz-ä. Enteg-ä zady çap bolanokdy – diýip, aýalym dylym-dylym etdi.
– Oturyñ, oturyñ, ýoldaş mugallym – diýip, men Eýeberdä oturgyç görkezdim.
– Aý, how, oturmaga inim ez-bezdir – diýip, ol ýaýdandy.
– Çekinme-de otursana. Men tankydy zat ýazamda-da edil seni ýazman ahyry – diýip, mugallymyñ egnine elimi goýdum.
– Siziñ peroñyz, ýoldaş ýazuwçy, soñky döwürde ýitileşäýdimi, ýa göwnümemi?! – diýip, Eýeberdi ýylgyrdy.
– Sag boluñ. Minnetdar. Ähtimal, ýitileşendir. Men şu günler köp okap başladym. Illeriñ eserleri maña güýç berýär – diýip, Eýeberdini ýene oturtjak boldum, teý-ahyr etmedi.
– Şu ruçkada, şu ýiti peroda gudrat bar-ow! – diýip, ol meniñ ýazuw stolumyñ üstündäki ruçkamy alyp alyp elinde saklap durşuna dodagyny dişläp, kellesini ýaýkady.
– Berekella, ýoldaş mugallym. "Zer gadyryn zergär biler" diýenleri-dä. Şu perony men soñky döwürde ulanyp başladym. Munuñ ýaly pero bilen diñe ýazyjy Marietta Şaginýan ýazýandyr. Menem şolar ýaly ökde ýazyjy bolmak üçin şarikli ruçka bilen däl-de, şunuñ ýaly pero bilen syýa batyryp ýazyp başladym. Muña gadymlar doktor pero hem diýerdiler, ýadyñdamy – diýip, Eýeberdiniñ ýüzüne seretdim.
– Şoña doktor pero diýip dogry at dakypdyrlar. Men siziñ ýiti peroñyzyñ awusyna çydap bilmän doktora-da ýüz tutmaly boldum – diýip, mugallym naýynjar görnüşde ýüzüni sallady.
– Be, be, ine täzelik! Näme, meniñ ýazan eserimde size dahylly zat barmydy?! Aýtsana, dogan-garyndaşlaryñyzyñ degnasyna degýän biderek bir zat çyrşapdyrynmy?! – men Eýeberdiden çynymy edip soradym. Ol agraslyk bilen gabagyny galdyryp, meniñ aýalymyñ ýüzüne seretdi-de:
– Daýza, biziñ Gully bilen özara gürrüñimiz bar – diýdi. Biz ikiçäk galdyk. Eýeberdi:
– Dördünji klasda okaýan garagol ogluñ Baýry klasdaky oturgyçda pero dürtüp goýan ekeni. Menem bilmän üstünde oturaýan bolsam nätjek. Indi şondan bäri pero görsem gerşine alahekge gonan ýagyr eşegiñ bar-da, ýöne zagyrdyklap durun – diýip, Eýeberdi diwana gyşardy.
Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar